# Allaýar Çüri

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Allaýar Çüri ALLAÝAR ÇÜRI



*Halypa şahyr Azat Rahmanowyň äheňinde*

*Ussat şahyr Allaýar Çüriýewe bagyşlanýar*

Allaýar Çüri –
Ýok onda hile.
Arkaýyn ýola,

Gidip bor bile.

Allaýar Çüri –
Ýazýandyr hikmet.
Ýöne hiç kime,
Atmaz ol töhmet.

Allaýar Çüri –
Şahyrlaň biri.
Ýok, ýalňyşdym ol:
Ynsanyň zory.

Allaýar Çüri –
Yşkyň hesiri,
Kalbynda mydam,
Şygryň ýesiri.

Allaýar Çüri –
Ýetmiş bäş saly.
Goşgusy bilen,
Begendir ili.

Allaýar Çüri –
Şygry ýerbe-ýer.
Okasaň birin,
Hoşwagt bolar ser.

Allaýar Çüri –
Bagtyýar Adam.
Halamaz ony,
Akmakdyr-nadan.

Allaýar Çüri –
Maksada sary.
Okgunlydyr ol,
Hak bolsun ýary.

Döwletmyrat ÝAZKULYÝEW. Goşgular